**Ahmad Bekmyradow:**

**Sowet Edebiýaty jurnaly 11/1989**

# Pyragynyň goşgularynyň kompozisýa gurluşy

Çeper eser çylşyrymly sistema bolup, onuň ähli halkalary biri-bira bilen berk bagly. Şol halkalar birleşip, eserin, kompozisiýasyny emele getirýär. Hut şonuň üçin hem çeper eserin kompo-zisiýasyny, ýagny many gurluşyny öwrenmek edebiýaty öwrenýaş ylmynyn esasy meseleleriniň biri hasaplanýar. Edebiýat ylmynda eposyň, dramanyň kompozisiýasyny öwrenmegiň örän uly tejribesi bar. Emma liriki eseriň many gurluşyny öwrenmek boýunça muny aýytmak mümkin däl. Baryp altmyşynjy ýyllarda V. Gusev «Liriki eseriň kompozisiýasyny öwrenmek biziň poetikamyzyň iň garaňky ýerleriniň biri» diýip ýazypdy. Häzirki döwürde hem liriki eseriň kompozisiýasyny öwrenmegiň gutarnykly prinsipleri ýok. Bu babatda her kimiň öz ýörelgesi bar. Emma liriki şygryň kompozisiýasyny öwrenmegiň uly ähmiýetiniň bardygyna bolsa söz ýok. D. Blagoýy Puşkiniň ussatlygy hakyndaky işinde bu hakda örän dogry pikiri öňe sürýär: «Edil durmuşda bolşy ýaly, döredijilikde hem ussatlyk bilen çeperçilik tärleri hemişe biri-biri bilen berk bagly. Eger liriki eserin kompozisiýasy barada aýytsak, ussatlygy kompozision tärlersiz göz öňüne getirmek asla mülkin däl». Türkmen edebiýaty öwreniş ylmy heniz lirnki eseriň kompozisiýasyny öwrenmegiň duşundan sowlup geçýär. Bu babatda bizde häzirki wagta çeili ýekeje makala bar. Halyl Kulyew pikir alyşmak maksady bilen «Goşguda kompozisiýa bolýarmy?!» diýen çaklaňja makala ýazyp, onda klassyky hem häzirki zaman poeziýasyndan, şahyrana halk döredijiliginden birnäçe şygyr alyp, olaryň kompozision gurluşyny yzarlapdyr. Öz barlaglaryna esaslanyp,

liriki şygyrda-da kompozisnýa bolýar diýen netijä gelipdir. Bu meseleni öwrenmegiň möhmdigini nygtapdyr.

Elbetde, liriki eserleri belli-belli kanunlaryň galypyna salyp bolmaýar. Her şygyr şahyryk öz şahsy kanunlarynyň esasynda döreýär. Netijede, aýratyn alnan her bir şygryň öz özboluşlylygy bolup biler. Sebäbi her liriki şygyr şahyrys ruhy ýagdaýynyň gaýtalap bilmejek pursaty. Eger şeýle bolsa, liriki eseriň kompozisiýasy barada gürrün bolup bilermi? «Hawa, bolup biler. Sebäbi liriki şygryň kompozisiýasynyň tipleri bar. Aýry-aýry şygyrlary yzarlamak üçin olaryň tipologiki kanunalaýyklyklaryny tapmak bolýar» (V. Holşevnikov). Eger şeýle bolsa, biz Magtymgulynyn şygyrlarynyň kompozisiýasyny hem olaryd tipologiki kanunalaýyklyklaryny nähili prinsiplerde yzarlap bileris? Ozaly bilen esasy.bir ýagdaýy anyklaşdyrmagymyz gerek. Biziň pikirimizçe, liriki kompozisiýany iki ugur boýunça öwrenseň dogry boljak. Olaryň ilkinjisi forma kompozisiýasy, ikinjnsi hem many kompozisiýasy. Birinji ugra şygryd ölçegleri, ritmiki gurluşy, rifmalaşmak täri, rifmalary, ses sazlaşygy, bentleriniň gurluşy girýär. İkinji ugur bolsa, esasan, liriki başlanyşy, obrazlaryň dialektikasyny hem onuň prinsipleriniň şahyrana pikiriň hem duýgynyň häsiýetini, many bütewiligini, şygryň liriki soňlamasynyň aýratynlygyny hem liriki kompozisiýanyň tiplerini öz içine alýar.

Esasy meselämize girişmezden öňünçä biziň şu ýerde käbir ýagdaýlary anyklaşdyrmagymyz gerek. **Birinjiden**, geçmişi poeziýasyna durnukly formalar häsiýetli bolupdyr. Aýdaly, Magtymguly şeýle formalaryň üçüsini öz galamyna hyzmat etdiripdir. Şahyryň 1983-nji ýylda neşir edilep iki tomlugyna 498 şygyr ýerleşdirilipdir. Şonça şygryň 26-sy gazal, 39-sy hem müsemmet forma-synda. Bu formalaryn ikisi-de arap poeziýasyndan

gaýdýar. Eýsem şahyryň galan 433 şygry nähiln formada ýazylypdyr? Olar gadymy türkmen şygrynyň bentleri dörtlemeden ybarat bolan goşuk formasynda döredilipdir. Aslynda «goşuk» biziň häzirki «goşgy» sözümiziň gadymky aýdylyşy. XII asyryň belli dilçisi **Zamahşarynyň** ýazmagyna görä, gadymky ata-babalarymyz irki zamanlarda arzp dilinden geçen «şahyr» sözüniň deregine «goşukçy» sözüň ulanýan ekenler. Diýmek, Magtymgulynyň döredijiliginiň togsan prosente golaýy goşukda —milli formada düzülipdir. Biziň bu makalamyzda diňe onuň goşuklrynyň liriki kompozisiýasy yzarlanýar. **İkinjiden**, söhbetiň dowamynda şahyryň şygyrlaryny köplenç bitewligine getirmeli bolar. Bu sahypa sanyna kowalaşmak däl. Sebäbi biz bu ýerde kompozisiýa barada gürrüň edýäris. **Üçünjiden** bolsa, okyjy häli-şindi sanlar bilen ýüzbe-ýüz bolar. Munuň hem öz sebäbi bar. Häzirki zamanyň poetika öwrenýän ylmyndan sanlar bilen umumylaşdyrmak has köp talap edilýär. **Dördünjide**n, biz yzda şahyryň söýgüli formasynyň «goşuk» adyny ulanmakçy. Sebäbi häzir halk arasyňda onuň soňky «goşgy» nusgasy tutuş liriki poeziýany, ähli liriki formalary öz içine alýar. Bu ýerde bolsa, anyk bir formanyň gürrüňi edilýär.

***Makalany rus hatyndan latynça geçirip, gaýtadan ýygan:***

***Akmyrat Gürgenli***